Okuw ýylynyň başynda orta toparlarda matematika sapagy girizilýär. Matematika sapaklarynda çagalaryň dürli sapaklar arkaly zatlaryň mukdary baradaky alan düşünjeleri gaýtalanylýar we berkidil ýär. Kiçi toparda çagalar "bir we köp" diýen mukdar düşünjelerini öwrnip diler. Bu düşünjeler gaýtalanylanda kiçi toparda guralan gönükmeler den peýdalanmak bolýar. Ýöne olary birneme çylşyrymlaşdyrylan görnüşde peýdalanmaly. Çagalara iki toparyň zatlaryny deňeşdirip bilmek, olaryň haýsysynyň köpdügini ýa azdygyny, ýa-da deňdigini kesgitläp bilmeklik öwredilýär. Üstünde goýmak we ýanynda goýmak tärlerinden peýdalanylýar. Maksatnamanyň mazmunyna laýyklykda bu toparda 1-nji çärýekde çagalar, ilki 3-e çenli, soňra 5-e çenli sanamagy öwrenýärler. Olara zatlaryň toplumyndan reňki, ölçegi boýunça bir ýa-da birnäçe zady saýlap almak öwredilýär. "Az, köp, hemmesi, ählisi" diýen düşünjeleriň manysyna düşünmek öwredilýär. 5-e çenli sanlaryň tertibi, mukdary, zatlaryň giňişlikde ýerleşişini kes gitlemek (öňünde, yzynda), mukdary boýunça deňeşdirmek öwredilýär. Köp zadyň içinden saýlap, az topara goşmak we sanlaryň düzümi öwredilýär. 2-nji çärýekde 5-e çenli sanamakda özünden öňde, yzda duranlaryň näçenjidigini aýtmagy öwretmek bilen 5-e çenli sanamak işi dowam etdirilýär. Zatlaryň toplumynda 5-e çenli zatlary sanap almak öwredilýär. Sanlaryň düzümi gaýtalanylýar, zatlary sanamak, adyny san bilen bilelikde aýtmak öwredilýär. 3-nji çärýekde 5 içinde sanamak, zatlaryň biri-birinden dürli aralykda ýerleşişini düşündirmek, zatlaryň ýerleşiş ýagdaýy boýunça deňdigini ýa-da deň däldigini ýüze çykarmak öwredilýär. 4-nji çärýekde okuw ýylynyň dowamynda öwredilen düşünjeler, başarnyklar oýunlaryň, gezelençleriň üsti bilen berkidilýär.

**Emir ÝALKABOW**
**Türkmenistanyň inžener – tehniki we**
**ulag kommunikasiýasynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026